# Synag / gülküli kyssa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Synag / gülküli kyssa SYNAG

Lukmançylyk institutynyñ talyby anatomiýa dersinden synag tabşyrýar. Onuñ bijesine düşen sowallara beren jogaplaryna göwni ýetmedik mugallym:
– Seniñ sowallara beren jogaplaryñ-a ugry ýok. Saña goşmaça sowallaram berip göreýin. Hany, aýt, köriçege näme iş bitirýär?
– Aý, mugallym, bu wagtlar gözli bolup iş bitirmek añsatmy. Özi köriçege bolsa, oñarýan oñly işi ýokdur. Şonuñ üçindir-dä, köplenç onuñ kesilip, zyñylyp goýberilýäni – diýip, talyp mugallymyñ ýüzüne garaýar. Mugallymam onuñ jogabyna güljegini, gaharlanjagyny bilmän, ýene-de bir sowal berýär:
– Dalak nämä gerek?
– Kakam-a mal soýanda «Şu iýilýän zat däldir» diýip, dalagy gapdala zyñyp goýbererdi. Eger image ýaramaýan bolsa, başga ýerde-de geregi ýokdur-la şonuñ.
– Hä, şeýlemi? Onda saña iñ soñky sowal. Kirpik nämä gerek?
– Kirpik gyz-gelinlere reñk çalyp, jaýtardyp goýmak üçin gerek. Onuñ erkek adama nämä gerekdigini men-ä bilmedim, mugallym – diýip, mugallymyñ ýüzüne garanda, ol saklanyp bilmän, gülüpdir-de, soñundanam:
– Seniñ bilimiñ üçin-ä ikilik, toslama ökdeligiñ üçinem bäşlik, synaga täzeden taýýarlanyp gel – diýip, çykaryp goýberipdir.

Nurberdi DÄDEBAÝEW. Satiriki hekaýalar